Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşli menzilleriň rowana ýolundan ynamly gadamlar bilen barýan ata Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde üstünlikli durmuşa geçirilýän beýik işlerde, şol sanda gurulýan döwrebap şäherlerde, ilkinji nobatda ýaşlaryň bagtyýar geljegi nazarlanýar.

Milli Liderimiz Arkadag şäheriniň ýaşlaryň şäheri bolmalydygyny belleýär. Şunda täze, «akylly» şäheriň döwrebap durmuş düzümlerinde ýaşlara uly orun degişlidir. Çünki ýaşlar — döwletimiziň şu günki daýanjy hem geljegi, ösüşlerimiziň hereketlendiriji güýji.

Ýurdumyzda sanly, maglumat-aragatnaşyk ulgamlaryny we «ýaşyl» tehnologiýalary ulanmagyň giň gerimi milli binagärlik däpleriniň, dizaýnyň häzirki zaman ýörelgeleriniň sazlaşygyny emele getirýän, «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda bina edilen Arkadag şäheriniň gurluşygynda-da öz beýanyny tapýar. Şäheriň ähli babatda, şol sanda ekologik taýdan halkara ölçeglere doly laýyk gelýän düzümleri ilatyň rahat we amatly durmuş şertlerini üpjün edýär.

Bagtyýar maşgalalaryň ýüzlerçesine täze jaýly, täze işli bolmagyň egsilmez şatlyk-buýsanjyny, nurana bagtyny peşgeş eden, Arkadag şäheri döwrümiziň ajaýyp aýratynlyklaryny özünde jemläp, köňüllere şatlyk paýlaýar.

Arkadag şäherini 2024 — 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasynyň kabul edilmegi «akylly» şäheriň geriminiň has-da giňemegine, ol ýerde bir-birinden owadan, akylyňy haýran etjek desgadyr binalaryň ýene-de ençemesiniň gurulmagyna, müňlerçe ildeşlerimiziň jaý toýlaryny toýlamagyna we ýokary amatly iş orunlarynda zähmet çekmegine şert döreder.

Watanymyzy beýik ösüş-özgertmeleriň ýoly bilen barha öňe alyp barýan Arkadagly Gahryman Serdarymyza we Gahryman Arkadagymyza päk ýürekden çykýan alkyşlarymyzy aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, tutýan beýik tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin.

**Atajan ESENOW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены